# Daýhanyň guwanjy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Daýhanyň guwanjy DAÝHANYÑ GUWANJY



Al-asmanda gaýyp ýören guşlaryň
Ýere düşýän kölgesinde saýalap,
Daýhan kişi dowam edýär işini,
Haşal otlaň tohum-tijin «zaýalap».

Ýere damyp duran alyn derinden,
Goşant goşýar bol hasylyň suwuna.
Ekinçilik sagat-saýyn boý alýar,
Burgy berip murtlarynyň towuna.

Daýhanyň zähmeti, aýdaly zamça,
Reňkin saraldyp, ysyn kükedýär.
Töweregi gaplap alýan hoşroý ys,
Özi bilen işdäleri dok edýär.

Säginip, syn edýär zähmet aşygy,
Gök öwüsýän peller üste küýlenip.
Piliň dessesinde yzyn goýupdyr,
Gabarçakly eller dere eýlenip.

Elbetde, her zada yhlas gerekdir,
Onuň goldawy kän düşeňde yşka.
Her goltugňa bir gawuny göterip,
Giçläp öýe gaýtmaň lezzeti başka.

Şyhymyrat ABDYLLAÝEW. Goşgular